# Hem güýze hem saña

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hem güýze hem saña

HEM GÜÝZE HEM SAÑA

Söýýänimi bilýäñ agras güýzleri,
Hem güýze hem saña garaşýan a:rman.
Ilki geleñde-de, güýz bilen geldiñ,
Ýörün indi unutmagy başarman.

Säherleriñ aýdymynda adyñ bar,
Ol meñ kalbyma-da müdimi ýazlar.
Men seni güýzlerden agtaryp ýörkäm,
Ýa seni apalap ýörmükä ýazlar.

Men güýzlere çynym bilen garaşýan,
Bir gelende, seni getirer, belki.
Sen güýzleriñ gelýän ýerindemikäñ?
A, men şony welin, bilsedim ilki.

Söýýänimi bilýäñ agras güýzleri,
Hem güýze hem saña garaşýan a:rman.
Sensiz güýzler näçe gelip gitse-de,
Ýörün seni unutmagy başarman.

▶GÜÝZLER BILEN GEL!

Seni küýsäp çykdym seýil bagyna,
Garaşaryn saña, güýzler bilen gel!
Göwün bermen aýralygyñ dagyna,
Garşylaýyn seni, güýzler bilen gel!

Goýmasyn göwünde güýzler armany,
…bolup çekilsin yşkyñ permany,
Indi yşk bagymyz ýalñyz goýmaly,
Garşylaýyn seni, güýzler bilen gel!

Göwün yşga düşdi, göterlip serden,
Ýatlaýarmyñ ýa-ha sen meni her dem,
Bozular öýdemok wadamyz birden,
Ýöne şonda-da sen güýzler bilen gel!

Bakýan Aýly gije sagy-soluma,
Sen mensiz, men sensiz ýalñyz ýaly-la,
Güller sepip seniñ geljek ýoluña,
Garşylaýyn seni, güýzler bilen gel!

Aýdymy aýdylsyn çalynsyn sazy,
Ýöne ýetikdir meñ göwnümiñ näzi,
Sen meniñ paslymyñ bahary-ýazy,
Garşylaýyn seni, güýzler bilen gel!

▶ "GARAŞ" DIÝME…

Tomu sowlup, üzümlermiz güýzedi,
Indi maña: "Garaş" diýme, ezizim.
Meñ gözlerim diñe seni gözledi,
Indi maña: "Garaş" diýme, ezizim.

Saña güller ýygdym, bossany baglap,
Sen gelersiñ diýip, öz göwnüm çaglap,
Garaşdyrma indi ýoluñda egläp,
Indi maña: "Garaş" diýme, ezizim.

Baky gelen däldir ýaşlyk bahary,
Sen ~ köñlüñ küýseýän ajap säheri,
Eglenseñ, güýzleriñ geler gahary,
Indi maña: "Garaş" diýme, ezizim.

Güýz bilen saralup otyryn ýalñyz,
"Söýýän" diýen sözleñ unutman hergiz,
Seni bagyşlardan näzik juda güýz,
Indi maña: "Garaş" diýme, ezizim.

Señ üçin döküpdi baglar ýapragyn,
Şemal kowalaýar düken ýapragam.

Armanly göwnüme aram tapmaryn,
Indi maňa: "Garaş" diýme, ezizim.

▶ DUÝGULARYM

Güýz günleri maňa şatlyk getirip,
Ýaşlygymy elwan ýaza öwürýär.
Söýgiň adyn gursagyňda göterip,
A, sen bolsa nirde galdyň, söwer ýar.

Säher ýeli o ýan bu ýan galgaýar,
Gara saçlam oýnap, darap doýmaýar,
Parhy ýok eglenseň, wadamyz öňki,
Ýöne durmuş maňa sensiz bolmaýar.

Örtenmerin asla gelen gussadan,
Bagta tarap barýan ýöräp assadan,
Bütin sährañ güllerini ýygaryn,
Saňa sowgat üçin bägül desseden.

Garşylaryn ak daňlaryň şapagyn,
Çolaşdyrman "söýgi" atly sapagym,
Öňki wagt, öňki ýer bagtymyz üçin,
A, sen meni, menem seni taparyn.

Şonda güller aýdym aýdar biz hakda,
Ýagyş ýagar, meger, diňmezem çakda,
Ýene süfji umytlara baglanyp,
Garşylamak üçin, garaşmak hakda.

Aýparça GELDIÝEWA.

Goşgular